# Ýörelen ýoluñ hasabaty

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Ýörelen ýoluñ hasabaty Berdinazar HUDAÝNAZAROW

▶ ÝÖRELEN ÝOLUŇ HASABATY

Gögelekäm goýup gitdiň eje jan,
Güllemeli çagym köýüp ýaşadym.
Boşap galdy gara öýüň gap böwri,
Ýüregimi gyýyp-gyýyp ýaşadym.

Dillenmediň soňky giden ýoluňa
Geler diýip gözün diken ogluňa,
Bu ýalança şeýle aşyk halyma
Mahal-mahal ondan doýup ýaşadym.

Eziz adyň bardy alynýan demde,
Eziz keşbiň gördüm uka gidemde.
Garyp günde degsin-töwür edemde
Ruhuň syzýanyny duýup ýaşadym.

Gönümel häseti goýup bilmedim,
Her aýdylan zada uýup bilmedim.
Dile gelen sözi diýip bilmedim –
Käte öz sesimi bogup ýaşadym.

Ýaşasam-da zabunlygyň döwründe
Hallan atdym dogry sözüň ugrunda.
Ýata suwa meňzemedim ömrümde
Bylkyldaman
süýt dek çogup ýaşadym.

Ykbal diýilýän zat keç boldy arman,
Gitdiň ogluň adam bolanyn görmän.
Beren ak süýdüňe bolaýyn gurban
Seni küýsäp, Seni söýüp ýaşadym.

Hiç zady geňlemän,
hiç zada bakman
Aýlar, ýyllar geçdi gitdi howlukman.
Hiç kesiň öňünde bilimi bükmän
Bir Hudaýa başym egip ýaşadym.

Gitdi deň-duşlarym gezekme-gezek,
Kütelýär hyjuwlar, gowşaýar ýürek.
Şükür alla, ömür geçmedi gurak,
Gübürdäp,
gübürdäp,
ýagyp ýaşadym. Goşgular